***Düýn, 7-nji oktýabrda Azerbaýjanyň iň gadymy şäherleriniň biri hasaplanýan Gabala şäherinde Türki Döwletleriň Guramasynyň XII sammiti geçirildi. Sammitiň yzysüre, wekiliýet Baştutanlarynyň ählisi bilelikde teleköpri arkaly Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde Fizuli şäherinde guruljak metjidiň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdylar.***

Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew dabarany açyk diýip yglan edip, Türkmenistan tarapyndan Azerbaýjana sowgat hökmünde metjidiň gurulýandygy üçin hoşallyk sözleri bilen çykyş etdi. Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow söz sözläp, Fizuli şäherinde guruljak metjidiň türkmen-azerbaýjan dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmekde uly ähmiýete eýe boljakdygyny belledi. Dabara metjidiň düýbüniň tutuljak ýerinden göni wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly gatnaşan Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň müftüleri Gurhandan aýat-doga okap, ýagşy dilegleri etdiler.

Soňra Türki Döwletleriň Guramasyna girýän ýurtlaryň wekiliýet Baştutanlarynyň ählisiniň bir wagtda ekrana basmaklary arkaly metjidiň gurluşygyna badalga berildi. Dabara metjit barada taýýarlanan ýörite wideorolige tomaşa etmek bilen tamamlandy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna guruljak bu metjidiň gurluşygyny «Aga-gurluşyk» hususy kärhanasy ýerine ýetirer.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026